# Jelephanalardan çykmadyk ýazyjylar

Category: Kitapcy,Publisistika,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jelephanalardan çykmadyk ýazyjylar JELEPHANALARDAN ÇYKMADYK ÝAZYJYLAR




Şu gün biraz pynhanrak, «ýaramazrak» gürrüňlere gireýin:
*«Belent trotuarda…*
*Gündiziň günortany?…*
*Melahaty ýanyma alanymdan soň*
*Alemdara giden ekenim…*
*Şeýlemi?*
*Ony soň gürrüň bererin…*
*Ýöne*
*Kimiň buduna süýkenipdirin tramwaýda?»*

Orhan Weliniň «belent trotuar» hekaýatlaryna girjek däl, daşardan ýazaýyn:
Wiktor Gýugo jelephanalaryň hemişelik müşderisidi. Ol aradan çykanda soňky ýoluna ugratmaga gelen jelepler «pul gazanýan ýerlerine» (uýat ýerlerine) gara mata daňyp geldiler!

Balzak, Makiawelli, Grem Grin, Horhe Luis Borhes, Jorj Simenon, Gustaw Flober we şindizem jedeli edilýän çaklama görä jynsy gatnaşykdan keýp alyp bilmeýän Kafka jelephanalardan çykmandyr. Käbiri jelephanada jelebe aşyk boldy. Alkaş Wan alkaş jelep we «60» suratyna modellik dden Sian Hurnige aşyk bolupdyr. Beýik suratkeş ony jelephananyñ «jelebi» däl-de, işçisi hasaplapdyr.




Wan Gogyñ düýp uly söýgüsi kärdeşi fransuz suratkeşi Pol Gogendi, ol Gogen üçin bir gulagyny kesipdir! Hem kesen gulagyny bir jelebiñ üsti bilen Gogene ugradypdyr. Mikalenjelo bolsa ömrüñi uzaldýandygyna ynanýandygy üçin jynsy berhiz saklapdyr…

Meşhur amerikan şahyrasy Maýýa Enjelounyñ jelephanada

işländigini bilýärsiňizmi?
Jazz sazynyň atasy Lui Armstrong Nýu-Orleanyň jelephanalar raýony Storwillde dünýä indi.
Asly italýan amerikan dirižýory Arturo Toskanini repetisiýada performansyny halamandygy üçin orkestr toparyna şeýle käýindi: «Ikilenç dünýä insem, jelephanada garawulçylyk çekip, ýekäňizem gapydan salmaryn!»
Jelephanalar hakda şu aýdyp geçenlerim bes!




- **Marksist ýaragly topar**

«Bagtly söýgi ýok» diýen fransuz şahyry Lui Aragon binika doguldy. Hakyky ejesine «daýza» diýip ulaldy. Çyn söýgüsi

şahyra Elza Triole 1970-nji ýylda aradan çykdy welin, düýbünden başga kişä öwrüläýdi: saçyny ösdürdi, al-ýaşyl geýinmäge başlady, gijeki barlardan çykmady, ahyrsoňunda gomoseksualistligi saýlap aldy…
Birgiden gomoseksualist ýazyjy bar Tomas Edward Lourens (şol bir wagtyň özünde «Arabystanly Lourens» ady bilen tanalýan iňlis jansyzy), Wirjiniýa Wulf, Tennessi Uilýams, Jeýms Boldwin, Oskar Waýld, Marsel Prus, Kollett, Uolt Uitman we başgalar.
Artur Rembo bilen Pol Werleniň arasyndaky hyjuwly söýgi gatnaşygy hakda şindizem ýazylýar.
Mysal üçin, Krostofer Hemptonyň ýazan, Didýe Longyň sahnalaşdyran «Aý tutulmasy» pýesasy şol gatnaşykdan söz açýar…



Şoňa meňzeş gatnaşyk iki heýkeltaraş Ogýust Roden bilen Kamilla Klodeliň arasynda-da bolup geçdi. Bularyň gatnaşygy ruhy keselhanada soňlandy, biçäre Kamilla hassahanada aradan çykdy…
Romanlarynda söýgi temalaryna agram beren ýazyjy Aleksandr Dýuma aýalyny ýakyn dosty ýazyjy Rože de Bowuar bilen ýatyrka tutup, şeýle diýipdir:
– Menem araňyza alaýyň-da, daşary sowuk!
Dostoýewskiniň çyn söýgüsi Apollinariýa Suslowa diýen aýal. Onuň «Humarbaz» eseriniň baş gahrymany özi, aýal gahrymany-da Apollinariýa eken…
Gýotäniň iň soňky söýgüsi geotermal serhowuzda tanşan 17 ýaşly Ulrika bolupdyr, Gýote şol wagt 71 ýaşynda eken…
Amerikan ýazyjy Mark Twen häzir millionlarça aýal-gyz tarapyndan ulanylýan göwüsbendi (lipçik) oýlap tapypdyr!
Birnäçe ýurtda iň köp gadagan edilen kitaplaryň başyny Ernest Hemingueýiň «Hoş gal, ýarag!» romany çekýär. Tutarygy-da täsin: jynsy meýilleri oýarýan uýatsyzlyk!..
Arasynda «Aždarha tatuirowkaly gyzyňam» bolan «Milleniýum» romanlar tapgyrynyň awtory Stig Larsson goşhaltasy bilen Afrikany aýlandy, 1977-nji ýylda Efiopiýada marksist toparyň aýal gerillalaryna tälim berdi!


- **Akylly aýallar**

Aýal-gyzlar dünýäsi bilen gürrüňimi jemläýin:
«Ýatanyňyzda näme geýinýärsiňiz?» diýip soran žurnalistlere ýyldyz aktrisa Merilin Monro şeýle jogaby beripsir:
– Bäşinji belgili «Chanel» duhisini!
Bu akylly jogap hiç kimi geň galdyrmady, ol kinofilmlere surata düşürilende arakesmä çykanda-da kitap okaýan aktrisady. Meriliniň Jeýms Joýsyň düşünmesi kyn «Ulysess» eserini okap durka 1955-nji ýylda düşürilen fotosuraty meşhurdy. Fotosuratda ünsi çekýän zat şudy: ol bu agyr kitabyň soňky sahypalaryna ýetipdi!
Kitaphanasynda Dostoýewskiden Çehowa çenli 430 kitaby bardy. «Sarymeňiz blondinkanyň» däl, beýik amerikan ýazyjysy Artur Milleriň aýalyndan söz açýarys!
Iň owadan aýallar akyly köplerimi? Meşhur aktrisa «ýeňňemiz» Ža Ža Gabordan žurnalistler «häzire çenli näçe äriňiz boldy?» diýip soranlarynda, ol «özümkiler bilen bilemi?» diýip jogap beripdir.
Gabor şahsy durmuşynda kakasynyň pendine eýerendigini aýdypdyr: «Mynasyp bolsa, garaşyp başar!» diýerdi, on bäş ýaşaýançam garaşdym!».




Aýdymçy-kompozitor Billi Holideý özi hakda gürrüñ bermäge başlasa, şeýle diýýän eken:
— Ejem bilen kakam nikalaşanlarynda kämillik ýaşyna ýetmedik hasaplanýarmyş, kakam 18, ejem 15, menem 3 ýaşymda ekenim!
Dünýäniñ iñ baý Rotşild maşgalasynyñ çepçi gyzy Doroti Parker çeper döredijilik bilen meşgullanypdyr, şygyrlary, proza eserlerini, çeper filmler üçin senarileri ýazypdyr. Baýraklara mynasyp bolan Dorotiniñ ady «kommunistleriñ gara sanawyna» girizilipdir. Onuñ Golliwudyñ bir ýyldyzy üçin diýen sözüne seretseñizläñ:
— Aýal on sekuz dil bilýär, emma hiç birinde «ýok» diýip

bilenok!
Iñlis ýazyjy Jorj Eliot öz jynsdaşlaryna şeýle diýipdir: «Aýallaryñ akmak bolýandygyny inkär edemok, Hudaý olary erkekler bilen deñ bolsun diýip ýaratdy…»
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 23.08.2018 ý. Publisistika